# Ýaş gitdi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýaş gitdi ÝAŞ GITDI

Bilmeýärdim oglanlykda, ýaşlykda,
Bu gün diýýän böküp-böküp:
«Ýaş gitdi».
Howlugýardym uruş wagty, açlykda,
Boş saçaga bakyp-bakyp,
Ýaş gitdi.

Çybyk atdan böküp mündüm taýa men,
Çapyksuwar bolup gitdim toýa men.
Kä gyz maňa garaýardy ölemen,
Gözün-gaşyn kakyp-kakyp,
Ýaş gitdi.

Atýüwrük çalan dek aýaklaryna,
Gözüm gidýär Wagtyň ýüwrükligine!
Burnumyň teýine, eňeklerime
Murtdur sakal ekip-ekip,
Ýaş gitdi.

Aşyk boldum gara göze, gaşlara,
(Şonuň üçin geň galamok ýaşlara)
Siňip dodaklara, hünji dişlere,
Ýüregimi ýakyp-ýakyp,
Ýaş gitdi.

Söýginiň öňünde çökdüm men dyza,
Dünýäni eçildim garagöz gyza.
Men öňe howlukdym,
Aý, ýyllar yza,
Derýa kimin akyp-akyp,
Ýaş gitdi.

Sepilen tohum dek azal yzyna,
Boý berip körpeje ogul-gyzyma.
Ýyl-ýyldan agyr ýük urup özüme,
«Burnugymdan» çekip-çekip,
Ýaş gitdi.

Etjek işim kändi, bitmedi ýary,
(Geleñsizlik – senden almaly ary).
Şar gara saçyma ap-akja Gary,
Habar etmän, sepip-sepip,
Ýaş gitdi.

Ýyl-ýyldan azalyp deñi-duşlarym,
Galypdyryn arasynda ýaşlaryñ
Ýeke, iki galan kütek dişlerim,
Ötgürini kakyp-kakyp,
Ýaş gitdi.

Indi oýlanýaryn her bir ädimde:
Ikinji ömür ýok hiç bir adamda,
Adym galsa Adamlaryñ ýadynda,
Diýmerin men çöküp-çöküp:
«Ýaş gitdi!»

Nazly TUWAKGYLYJOW. Goşgular